# Mikelanjelo we onuñ döredijiligi

Category: Kitapcy,Şekillendiriş we heýkeltaraşlyk sungaty,Sözler
написано kitapcy | 23 января, 2025
Mikelanjelo we onuñ döredijiligi MIKELANJELO




*Mikelanjelo!*
*Ak mermeriñ han ogly!*
*Daş ýonupdyr jan girýänçä gursagna.*
*Köne dünýäñ jogaplarny, soragny –*
*Sygdyrypdyr daglañ äpet harsañna.*
Şeýdip, bu gün Dawudyna ýetipdir.
Aý-günler, asyrlar ondan asgyndyr.
Beýik başlañ ömür gohy ýetikdir,
…Daş ýagyp dur Dawudynyñ üstünden –

Mikelanjelo gazap bilen topulýar

Daş zyňýanlar gaçyp, garaňka siňýä.
Gör-ä Dawuda-da duşman tapylýar –
Onsoň, nädip, kämil bolsun bu dünýä.

Dünýä belli italýan heýkeltaraşy Mikelanjelo bagyşlanan bu goşgy setirleri Türkmenistanyň halk ýazyjysy Baýram Jütdiýewe degişli.

Mikelanjelo di Lodowiko di Leonardo di Buonarotti Simoni 1475-nji ýylyň 6-njy martynda Italiýanyň (şol wagtky Florentiýa respublikasynyň) Kapreze şäherinde dünýä inýär.

Gelejekki suratkeş, heýkeltaraş, arhitektor, şahyr Mikelanjelonyň çagalyk ýyllarynda maşgalasy Florensiýa göçüp gelýär.

Alty ýaşynda ejesi aradan çykýar. On üç ýaşynda döwrüniň meşhur suratkeşi Domeniko Girlandaýonyň elinde okap başlaýar. Ýigrimi alty ýaşynda heýkeltaraşlyk sungatyndaky genial zehinini subut edýän «Patyşa Dawut» heýkelini ýasaýar.

1505-nji ýylda Rim papasy Ýuliý II tarapyndan oňa Watikanyň ýanyndaky Sikstin kapellasynyň üçegine (potologyna) surat çekmek işi ynanylýar. Bu iş Mikelanjelonyň iň gymmatly işleriniň biri hasaplanýar. Tabşyryk berlenden soň üç ýyl geçende işe girişen beýik senetkär 520 kw metrlik meýdanda döreden ajaýyp eserini dört ýylda tamamlaýar.

Renessans döwrüniň sungatyna deňsiz-taýsyz goşantlary goşan Mikelanjelo klassyky sungatyň tilsimlerini ulanmak bilen birlikde, esasan, edil Leonardo da Winçi ýaly adam keşbini hemmetaraplaýyn şekillendirmek maksady bilen kadawralary (meýitleri) içgin öwrenip, grek-rim sungatyndan täsirlenen ideal adam şekillerini ukyp-başarnygynyň çäginde realistik ölçegleri bilen bermäge çalşypdyr. Günbatar şekillendiriş sungatynyň atasy saýylýan Jotto di Bondonäniň suratlaryndaky tebigy we realistik çemeleşmeler bilen XV asyryň başynda doly düşünip bolýan çuňlukda perswektiwa düşünjesini kämilleşdirip, öz stilini döreden Mikelanjelo onlarça heýkeli, freskalary döredip Rimi täzeden gurmak we abatlaşdyrmak işlerinde-de möhüm işleri amala aşyrypdyr. Häzirki döwrüň sungat işgärleriniň aglabasy Mikelanjelony döredijiligine nemunalyk

senetkär hökmünde görýärler.




Belli şahyrymyz Italmaz Nuryýewiñ «Heýkelçi» goşgusynda Mikelanjonyñ kämil sungatyna şeýle baha berilýär:

*Diňe bir mermer däl,*
*Ähli daşlaram,*
*Seretsem siňe,*
*Meňzeýär saňa.*
*Bürünjem,*
*Poladam.*
*Misdir demirem*
*Meňzeýär saňa.*
*Boýy göge ýetýän belent çynaram*
*Meňzeýär saňa.*
*Bili iki gujak ýüz ýaşly tudam*
*Meňzeýär saňa.*
*Alaňlardan akyp ýatan çäge-de*
*Meňzeýär saňa,*
*Gözüm ýetdi şol äňede-äňede,*
*Ýene ýüzlerçe zat*
*Meňzeýär saňa.*

*Bir olaň artykmaç ýerin aýyrmak*
*Hemem timar bermek galypdyr maňa.*
*Megerem, seň mertebäňe,*
*Aklyňa*
*Aşyk bolup dünýädäki barça zat,*
*Saňa meňzemäge çalşyp gezendir,*
*Eý, gözellik täji,*
*Beýik Adamzat.*

Ömrüniñ ahyryna çenli ajaýyp eserleri döretmäge dowam eden Mikelanjelo ömrüniñ soñky ýyllaryny Rimdäki «Keramatly Pýotr» ybadathanasynyñ gurluşygyna berýär.
Beýik senetkär 1564-nji ýylyñ 18-nji fewralynda segsen dokuz ýaşynda aradan çykýar.

■ **Mikelanjelonyñ meşhur sözleri**

– Men suratkeş däl – heýkeltaraş.
– Gözellik – artykmaçlykdan saýlanmakdyr.
– Hemişe öwrenýärin.
– Hiç mahal öz dükanynyñ bähbidi üçin işleýän suratkeş ýa-da heýkeltaraş bolmadym.
– Mermere gysylyp galan perişdä gözüm düşdi we ony halas edýänçäm mermeri gazadym.
– Adamlar meniñ ussatlyga ýetmek üçin nähili köp işländigimi bir bilselerdi, şunça haýran galarlyk zadyñ ýokdugyna düşünerdiler.
– Oñat senetkär diñe mermeriñ içindäki şekili pikir edýändir. Daşyñ içinde doñup galan şekilleri öz ugruna goýbermek üçin şol ukyny diñe heýkeltaraşyñ eli bozup bilýändir.

# Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy. Şekillendiriş we heýkeltaraşlyk sungaty